# Saýt düzgünnamasy

Category: Kitapcy,Saýtyň täzelikleri,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Saýt düzgünnamasy




Hormatly agzalar we myhmanlar!
www.kitapcy.com edebi saýtynda ulanyjylar şu aşakdaky kategoriýalara bölünýär:
1). Myhman okyjylar: – Saýta agza bolmadyk ulanyjylar diñe paýlaşylýan eserleri okap we ball goýup we myhman depderde ýazgy galdyryp (teklip berip we ş.m.) bilýär, teswir ýazyp bilenoklar.

2). Okyjy agzalar: – Agza bolan (şahsy hasaby registirlenen) ulanyjylar bloglary okap, okan bloglaryna teswirlerde tankydy belligini, pikirini, teklibini we ş.m galdyryp bilýär, teswirler adminstrasiýanyñ gözegçilik tassygyndan geçensoñ, güýje girýär (okyjy agza blog açyp bilenok).

3). Awtor agzalar: – Okyjy agzalaryñ arasyndan saýlanyp alynýar.
Awtorlara goşulmak isleýän agza özüniñ kimdigini (ady,

familiýasy, atasynyň ady), ýaşaýan we işleýän ýerini, telefon belgisini ýa-da elektron salgysyny, awtorlyga geçmek bilen nähili eserleri paýlaşmak isleýändigini gysgaça ýazyp, saýtyň aşakda görkezilen elektron salgysyna ugradandan soň onuň ýüz tutmasyna iň gysga wagtyň dowamynda seredilер we netijä gelnip, bu barada oňa jogap berler. (Berlen maglumatlar doly suratda şahsy hukuklara laýyklykda gizlin saklanylýar.)
Awtor agzalaryň ýokarda agzalan mümkinçiliklerden başga-da, blog açmaga (dürli žanrdaky eserleri, makalalary paýlaşmaga), özbaşdak teswir galdyrmaga hukugy bar. Agzalary awtorlyga agzanyň ýüz tutmasyndan soň onuň paýlaşjak bloglarynyň hiliniň ýokary bolmak, alnan çeşmesini görkezmek, ýalňyşsyz we awtorlyk düzgünlerini doly berjaý etmek şerti bilen adminstrator geçirýär.

Bloggerler saýtyň edebi kollegiýasynyň doly hukukly agzasy hasaplanýar. Şonuň üçin agzalyga saýlananda belli bir derejede onuň sowat we bilim derejesine seredilip saýlanylýar.
Bloggerlere tema çäklendirmesi ýok. Islendik temadan ýazylan materiallary paýlaşyp bilerler. Materiallar paýlaşylanda saýhally, ýönekeý, harp ýalňyşsyz paýlaşylmagyna üns berilmeli.
Türkmen edebiýaty, taryhy, medeniýeti we jemgyýetçilik durmuşy boýunça, şeýle-de daşary ýurt awtorlarynyň terjimelerinden nusgalary, dürli dillerde (türkmen, rus, iňlis, türk dillerinde) berilýän giň möçberli maglumatlary okamaga mümkinçilik berýän ähli bloglar diňe okyjylar bilen pikir alyşmagy, çeper edebiýatyň, kitabyň muşdaklaryny özgeren dünýäniň innowasion mümkinçiliklerine laýyk amatly elektron gollanma bolmagy, ýaş zehinlere ruhy goldaw bermegi we ýerlerdäki täze zehinleri gözläp tapmagy maksat edinýär.
Agzalaryň pikir alyşmalarynda ýüze çykyp biläýjek islendik düşünişmezlikler sebäpli kitapcy.com saýty jogapkärçilik çekmeýär.

Saýtda jynsparazlygy, milletçiligi, ildeşparazlygy, dini duşmançylygy öjükdirýän ýa-da beýleki agzalaryň şahsy

mertebesini kemsidiji, hapa-paýyş sözler ýazylan islendik blog, teswir duýduryşsyz öçürilýär. Mundan degerli netije çykarman, öňki bidüzgünçiligine dowam eden agza duýduryşsyz bloklanýar. Belli bir awtory, özüne ymykly kabul edip alan belli bir edebi lakamy-tahallusy (nikneýmler muňa girmeýär) görkezilmedik anonim bloglary paýlaşmagam şuňa girýär.
Saýtda paýlaşylan maglumatlary alnan çeşmesini we linkini görkezmek şerti bilen paýlaşmaga we ulanmaga rugsat berilýär. Awtorlardan ediljek ýene bir talap, ýene bir haýyş – şu saýtda paýlaşan eserini başga saýtda ýa-da başga saýtda paýlaşan eserini şu saýtda paýlaşmazlyga üns bersinler.

Sorag-jogap ü.n: haweranm@mail.ru Saýtyň täzelikleri